**“Rus dili daşary ýurt dili hökmünde”**

**atly goşmaça okuw maksatnamasyna kabul etmegiň aýratynlyklary barada**

Kazan Milli Gözleg Tehnologik Uniwersitetinde – Kazan Himiýa-Tehnologik Institutynda (KMGTU-KHTI) “Rus dili daşary ýurt dili hökmünde” atly goşmaça okuw maksatnamasy boýunça 2020/21 okuw ýylyna okuwa kabul etmegiň aýratynlyklary täze koronawirus ýokanjynyň (COVID-19) Russiýa Federasiýasynyň çäklerinde ýaýramagynyň öňüni almagyna gönükdirilen çäreler bilen şertlendirilen.

KMGTU-KHTI-niň halkara okuw maksatnamalar fakulteti rus dilini owrenmek we soňundan ýokary bilim ýa-da orta hünär bilim maksatnmalary boýunça okuwyny dowam etmek isleýän talyplar üçin “Rus dili daşary ýurt dili hökmünde” atly maksatnama boýunça 2020/21 okuw ýylyna okuwa kabul edişligi yglan edýär.

“Rus dili daşary ýurt dili hökmünde” maksatnamanyň çäklerinde 2020/21 okuw ýyly üçin KMGTU-KHTI tarapyndan 5 ugur boýunça taýýarlamagy amala aşyrmak göz öňünde tutulan, bular “Inžener-tehnologik”, “Gumanitar”, “Tebigy-ylmy”, “Ykdysady” we “Lukmançylyk-biologiýa” ugurlary.

Ýokary okuwdan öňki taýýarlyk maksatnamasyny üstünlikli tamamlan talyplar degişli şahadatnama alýarlar; bu şahadatnama soňra olara Russiýa Federasiýasynda ýokary okuw maksatnamalaryna girmäge mümkinçilik berer.

Okuw döwründe ähli talyplara umumy ýaşaýyş jaýlary berilýär. Şeýle hem Russiýa Federasiýasyna gelen daşary ýurt raýatlaryna lukmançylyk ätiýaçlandyrmasyny resmileşdirmek zerur.

Okuw möhleti – 10 aý

Okuwyň tölegi – 120 000 rubl

Umumy ýaşaýyş jaýynyň tölegi – ýylda 8000 rubldan başlaýar

Lukmançylyk ätiýaçlandyrmasynyň tölegi – ýylda 5000 rubl

Ýokary okuwdan öňki taýýarlyk maksatnamalaryna girmek üçin şu resminamalary tabşyrmaly:

- doldurylan arza;

- pasportyň nusgasy.

Bu resminamalary “Хочу учить русский” (“Rus dilini öwrenmek isleýärin”) tema bilen fmop@kstu.ru elektron salga ugratmaly.

Eger-de koronawirus ýokanjy bilen bagly bolan arassaçylyk-epidemiologik ýagdaý sebäpli Russiýa Federasiýasynyň serhetleri 2020-nji ýylyň sentýabr aýyna çenli ýapyk bolsa, talyplar moodle.kstu.ru elektron platformada onlaýn tertibinde okuwa başlap bilerler. Ýagdaý gowulanandan soň, daşary ýurt raýatlarynyň Russiýa Federasiýasynyň çäklerine girmegi boýunça gadagan ediji çäreler ýatyrylandan soň talyplar okuwy uniwersitetiň özünde dowam ederler.